# Setirler, epitafiýalar, dörtlemeler…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Setirler, epitafiýalar, dörtlemeler… Baýram JÜTDIÝEW

▶ SETIRLER, EPITAFIÝALAR, DÖRTLEMELER

Agzy ~ oýmak, burny ~ pisse,
Gözi ~ ataş, saçy ~ tüsse.
Ýañak ~ gülgün, dişleri ~ gar,
Zülpi ~ towly, ädimi ~ dar
Gaşlar ~ awlar, kirpij ~ sanjar,
Näzi ~ girdap, dili hanjar.

* * *

Kethudañ samsygy iliñ öñünde,
Sopusyny goýar pirine garşy.
Zenan biakyly ýaşyñ soñunda,
Çagalarny goýar ärine garşy.

* * *

Arkalary gara ýel dek güýçlümi ~
Şondan heder et!
Ýürekleri ýalyn kimin öçlümi ~
Şondan heder et!
Garynlary çapraz-çapraz dişlimi ~
Şondan heder et!

* * *

Ýygyp-ýygyp eñteripdi kersene,
Gapanlary aranyndan tanapdy.
…Başujunda daş goýdular, görsene,
Talantsyza ~ talantly.

* * *

Göroglynyñ agasy dek gysykdy,
Kakynjyrar ýördi beresler ýaly.
Garşydaşlaryny erbet gysypdy,
Misli ýüz tonnalyk presler ýaly.
Indi gözün çarhlap, ýatan ýerinden ~
Zalym, arkaýyn-da şägirtlerinden…

* * *

Şu ýatan içmekde şeýle betpäldir
Köne jar dek çekip-süzüp ötendir.
Zogun çalyp uzyn-uzyn sostawlar
Oñ içine göni girip gidendir.

Zyndan ýaly garañkyda peläket
Şindi-şindem saññyldap ýör gorkanlar.
Aý, hawa-da, alamatdy-alamat ~
Ujuny görkezer, düýbün görkezmez.

* * *

«Gözüñizw basdym, ýazan kitaplam
Üç inere ýük bor, bir pili maýrar.
Bu gün geliñ, gümmez dikiñ üstüme,
Ýogsa garyndaşlam dişiñiz sograr!

Köçeli,
obaly hemem mekdepli…
Tomlarym çykmaly bäşden, sekizden.
Duýduryaryn: bir bilini guşansoñ,
Oglanlañ enesi zatdan çekinmez!..»

* * *

Perişdedirin öýderdi,
Balasy zakyñ.
Onuñ gargadygny,
Aýtmak juda kyn.

«Men!
Men!
Men!
Towsaklap böker.
Il bir gün diýdi:
«Eneñ ~ zak,
Atañ ~ zak,
Nirden dogduñ şirin-şeker».

* * *

«Başyn başlan» diýdirmegi halardy,
Şygyrýetiñ başyn başlan,
Poemanyñ başyn başlan,
Dramanyñ başyn başlan…
Ýöne olañ birinde-de at goýman,
Düwün-düwün edip, çigşirip taşlan.
Atasy ~ Ýaýlymdy,
ismi ~ Mapbakdy,
Haý, görgüli ~ boş-boşdy,
pak-pakdy…

* * *

Toýy sowýançydy edarasynda ~
Diýmeli, toýlary sowar ýörerdi.
Gazamat etmeli ýubilýarlaram
Zaññar, hamsygýança öwer ýörerdi.
Ony üýşmeleñde göräýmelidi,
Her sözüni äre beräýmelidi!

* * *

Rysgal berseñ öz paýymyñ ujundan,
Bir zehinliñ depesinden basman ber.
Hantama däl şazadalañ täjinden,
Goý, ölmelem bolsa, güýçli ykbal ber.

* * *

Öz iliñde ýagşy günler ~ beglikdir,
Gyşlar aklyk alyp gelse gowlukdyr.
Garşyña çykanlar aždarha bolsun ~
Ýygyn çekup gelmäwersin ownuklar…

* * *

Segsen ýyl oturan bir garry töññe,
Diýýär: «Gaty kelpeñ özümden öññe.

Gülleşen bolýalar, düwen bolýalar,
Aý, hawa-da, şindi ýuwan bolýarlar.

Guşlar aýnaşyp ýör her täze säher,
Nämemiş, gelenmiş ýene bir bahar.

Baglar hellewleşip, şelpe kakýarlar,
Hanha, seret, ýeldirgäpdir akarlar.

Asly hamyryña baglydyr bagly,
Ynha, otyrys-a üýtgetmän taby»…

* * *

Bir gende binýadyn gepe dirände,
Gaç ondan, ýüzüni görmäniñ ýagşy.
Möjekler syrtyny çöpe dirände,
Gowsy golaýyna barmanyñ ýagşy.

* * *

Aýak basyşyndan tanýanlar gerek,
Dosty aýap, özi ýanýanlar gerek,
Soñky gün owadan gürleýänler däl ~
Wagtynda dulugña çalýanlar gerek.

* * *

Maý alany tapyñ, çenäni tapyñ,
Gözden uçup giden sonamy tapyñ,
Gök eşege ters mündüriñ näletläp,

Ýöne haýyş: ilki günämi tapyň.

▶ «WE BEÝLEKILERE» MENIŇ GARAÝŞYM

Pyragyň mekdebine gatnatjak borun,
Bagrym tüýdýänçäm.
«…we beýlekilerden» çykmajak borun,
Bir zat aýdýançam.

* * *

Jylawyny çeýneýän ~
Bedewiň biri, dilber.
Äre boýun egmeýän,
Gedemiň biri dilber.

Jennetli hem ajally,
Saçbagysy açarly,
Peltede ot.
Göçerli ~
Gorhana-däri, dilber.

Ýygyp dünýäň geplerin,
Agza ölçäp çöpleriň,
Art aýagna itleriň ~
Zyňýaň bu şary, dilber.

Hal üste zülpi burma,
Dony zer, köwşi gyrma,
Ter gelin, ismi Hurma,
Bir murtlyň äri, dilber.

* * *

Mertebe ýasanyp, arlap gitdi ol ~
Dost tutunyp görip bilen bahyly.
Öwredip-öwredip garrap gitdi ol ~
Öwrenmäge ýok ekeni zehini.

* * *

Göbegiñ bar bolsa, düz üýtgemeýär,
Ene durky halal söz üýtgemeýär,
Ykbal ýarsyp biler egri agaç dek ~
Owal söýen bolsa, göz üýtgemeýär.

* * *

Aýlanar-dolanar durar heññamlar,
Boz topraga düşen çigit bagtly bor.
Şahandaz bormuşyn daýa meñzänler,
Enesine meñzän ýigit bagtly bor. Goşgular